**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– MEDENIÝET MILLETIMIZIŇ MERTEBESIDIR, BAHASYNA ÝETIP BOLMAJAK RUHY BAÝLYGYDYR. ŞOŇA GÖRÄ-DE, BIZ MEDENIÝETI WE SUNGATY ÖSDÜRMEGI DÖWLET SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRI HÖKMÜNDE KESGITLEDIK.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
26-njy iýun, 2026. Belgisi 26/1696




# TÜRKMENISTAN–AZERBAÝJAN: DOSTLUKLY HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLÝAR

***22-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Prezident Ilham Aliýewiň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.***

Prezident Ilham Aliýew hormatly Prezidentimizi ýene-de bir gezek mübärekläp, Azerbaýjana döwlet sapary bilen gelmäge çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirdi hem-de bu sapara Azerbaýjanda örän uly ähmiýet berilýändigini aýdyp, onuň ýurtlarymyzyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga hyzmat etjekdigine ynam bildirdi. «Siziň Azerbaýjana şeýle wekilçilikli düzüm bilen gelendigiňize örän şatdyryn» diýip, dostlukly ýurduň döwlet Baştutany aýtdy.

Ilham Aliýew pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyza Fizuli şäherinde sowgat hökmünde metjit gurmak baradaky çözgüdi üçin ýene bir gezek hoşallygyny beýan etdi. Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XII sammitiniň çäklerinde bu metjidiň düýbi tutuldy. Bu baradaky çözgüt bolsa türkmen halkynyň Milli Lideriniň geçen ýylyň tomsunda Azerbaýjana amala aşyran saparynyň çäklerinde kabul edildi. Munuň özi ýurtlarymyzyň arasyndaky doganlyk gatnaşyklaryň ýene bir güwäsidir.

Dostlukly ýurduň Prezidenti ikitaraplaýyn gün tertibiniň özara gatnaşyklaryň ähli ugurlaryny diýen ýaly öz içine alýandygyny aýdyp, Türkmenistanda geçirilen Medeniýet günleriniň çäklerinde Azerbaýjanyň döredijilik toparlaryna bildirilen myhmansöýerlik üçin türkmen tarapyna hoşallyk bildirdi. Ol geçen ýyl Azerbaýjanda Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň geçirilendigini belledi we ynsanperwer ulgamdaky şeýle hyzmatdaşlygyň umumy taryhy bolan halklarymyzyň gatnaşyklarynyň möhüm şerti bolup durýandygyny nygtady.

Ilham Aliýew ählumumy gün tertibiniň ulag, energetika howpsuzlygy ýaly möhüm meseleleri barada aýdyp, Azerbaýjanyň we Türkmenistanyň bilelikdäki başlangyçlaryň çäklerinde sebitde, şeýle hem dünýäde möhüm orun eýeleýändiklerini belledi we türkmen wekiliýetini azerbaýjan topragynda ýene-de bir gezek mübärekledi.

Hormatly Prezidentimiz Azerbaýjan Respublikasyna döwlet sapary bilen gelmäge çakylyk hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin Prezident Ilham Aliýewe ýene bir gezek minnetdarlyk bildirip, Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň arasynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda ýakyn gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny belledi. Ýokary derejedäki duşuşyklar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň üstünlikli ösdürilmeginiň esasy şerti bolup durýar. «Geçen ýyl Gahryman Arkadagymyzyň Azerbaýjan Respublikasyna iki gezek sapar amala aşyrandygyny bellemek isleýärin. Şeýle hem geçen ýyl Siziň Türkmenistana saparyňyz boldy» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz iki ýurduň halkara giňişlikde, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Türki Döwletleriň Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyny belläp, Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk daşary syýasat ugruny, parahatçylygy üpjün etmäge, durnukly ösüş üçin zerur şertleri döretmäge gönükdirilen halkara başlangyçlaryny goldaýandygy üçin azerbaýjan tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

«Öz gezeginde, Türkmenistan hem Azerbaýjan Respublikasynyň halkara ähmiýetli başlangyçlaryny goldaýar. Hazar deňzindäki hyzmatdaşlyk özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, biz 2026-njy ýylyň oktýabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Hazar deňziniň meseleleri boýunça Hazarýaka döwletleriň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmegi teklip etdik» diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Hormatly Prezidentimiz söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň hatarynda kesgitläp, bu ulgamda ikitaraplaýyn haryt dolanyşygynyň durnukly ösüş depginini belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurtlarymyzyň bu ugurdaky uly mümkinçiliklerine ünsi çekip, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparyň işini işjeňleşdirmegiň zerurdygyny belledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzyň elektroenergetika ulgamynda hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassyklap, Türkmenistanyň ýurdumyzdan Azerbaýjan Respublikasyna elektrik energiýasyny ibermäge mümkinçilikleriniň bardygyny, häzirki wagtda Hazar deňziniň kenarynda kuwwatlylygy 1 müň 574 megawat bolan täze elektrik stansiýasynyň gurluşygynyň alnyp barylýandygyny aýtdy. Üstaşyr ulag ulgamyndaky gatnaşyklar biziň hyzmatdaşlygymyzyň strategik ugry bolup durýar. Türkmenistan halkara ulag geçelgelerini ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Aziýanyň hem-de Ýewropanyň çatrygynda ýerleşýän Türkmenistanyň we Azerbaýjan Respublikasynyň amatly geografik ýerleşişini nazara almak bilen, olar halkara ulag geçelgeleriniň ösdürilmegine möhüm goşant goşmaga ukyplydyrlar. Owganystan — Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Türkiýe ulag geçelgesi üstünlikli hyzmatdaşlygyň aýdyň nusgasydyr.

«Ýurtlarymyz Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Rumyniýa ugry boýunça Hazar deňzi — Gara deňiz ulag geçelgesini döretmek baradaky başlangyçlary goldaýarlar. Hazar we Gara deňiz sebitleriniň baglanyşdyrylmagy ykdysady, söwda, maýa goýum hyzmatdaşlygyny ösdürmek üçin amatly mümkinçilikleri açýar» diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi we ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmek maksady bilen, Ulag, üstaşyr we logistika meseleleri boýunça türkmen-azerbaýjan toparynyň işini güýçlendirmegi teklip etdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň nebitgaz, himiýa we dokma senagatlarynda, beýleki ugurlarda hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassyklap, ýurtlarymyzyň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň ösdürilmeginiň hem aýratyn ähmiýetini belledi.

Döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda möhüm ruhy taslamanyň — Fizuli şäherinde metjidiň gurluşygynyň amala aşyrylýandygyny aýdyp, metjidi gurmak başlangyjynyň türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza degişlidigini, bu taslamanyň halklarymyzyň dost-doganlygynyň nyşanyna öwrüljekdigini nygtady.

Sözüniň ahyrynda hormatly Prezidentimiz şu gezekki saparyň Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň arasyndaky dostlugy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm tapgyr boljakdygyna ynam bildirip, Prezident Ilham Aliýewe berk jan saglyk, bagtyýarlyk, döwlet işinde uly üstünlikleri, doganlyk azerbaýjan halkyna bolsa parahatçylyk, rowaçlyk we abadançylyk arzuw etdi.

**Nebit tankeri sowgat berildi**

Soňra iki ýurduň Prezidentleri Azerbaýjan Respublikasy tarapyndan Türkmenistana «Dostluk» nebit tankeriniň gowşurylmagy mynasybetli dabara gatnaşdylar. Ilki bilen, bu ýerde döwlet Baştutanlaryna «Dostluk» nebit tankeri barada giňişleýin maglumat berildi.

Soňra Azerbaýjanyň wekili döwlet Baştutanlaryndan gämini işe girizmäge ak pata bermeklerini haýyş etdi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew ýörite düwmä basdylar. Soňra monitor arkaly tankeriň ýüzüşe goýberilişi görkezildi. Prezident Ilham Aliýew dabaraly ýagdaýda döwlet Baştutanymyza tankeriň degişli şahadatnamasyny gowşurdy. ■ 2

## MEDENIÝET HEPDELIGI KÖPÖWÜŞGINLI ÇÄRELERE BESLENÝÄR

**«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň taryhy ähmiýetli wakalarynyň üstüni ýetiren Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde sungatyň, çeper döredijiligiň dürli görnüşlerini öz içine alýan köp sanly medeni çäreler ýaýbaňlandyryldy. Bu guralýan medeni-köpçülikleýin çärelerde ýurdumyzyň ähli ugurlar boýunça gazanýan ösüşleri, halkymyzyň baý ruhy-medeni dünýäsi öz beýanyny tapýar.**

Medeniýet hepdeliginiň her ýylda geçirilmegi Diýarymyzda medeniýetiň, sungatyň hem-de edebiýatyň ösdürilmegi ugrunda döwlet derejesinde edilýän tagallalaryň oňyn netije berýändigini aýdyňlygy bilen äşgär edýär. Bu çäre milli medeniýetimizi ösdürmekde, ýaş zehinleri ýüze çykarmakda möhüm ähmiýete eýedir. Bu ýyl ol ýurdumyzyň Balkan welaýatynda geçirilýär.

22-nji iýunda Balkanabat şäherindäki «Türkmeniň ak öýi» binasynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp geçirilýän Medeniýet hepdeligine badalga berildi. Kaşaň binanyň sahnasynda sungat ussatlarynyň, ýaş ýerine ýetirijileriň, dürli milli döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileriniň hem-de meşhur aýdym-saz toparlarynyň baýramçylyk çykyşlary giňden ýaňbaňlandy. Joşgunly aýdym-sazly çykyşlarda ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly barýan ýurdumyzyň ýeten derejesiniň, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň we Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan giň möçberli özgertmeleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde gazanylýan üstünlikleriň waspy ýetirildi.



Şol gün Balkan welaýat Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde «Muzeýlerde sanly ulgamy ornaşdyrmagyň hem-de muzeý gaznasyny baýlaşdyrmagyň tejribesi» atly muzeý hünärmenleriniň usuly maslahaty hem geçirildi. Onda ýurdumyzyň muzeýleriniň arasyndaky gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň ähmiýeti barada gürrüň edildi.

Medeniýet hepdeligi Balkanabat şäherindäki Nebitçiler medeniýet köşgünde Arkadag, Aşgabat şäherleriniň, Ahal welaýatynyň sungat ussatlarynyň gatnaşmagynda guralan baýramçylyk konserti bilen dowam etdi. Sungat ussatlarynyň, bagşy-sazandalaryň, tans we folklor toparlarynyň çykyşlary hepdeligiň ilkinji gününiň çäreleriniň dabarasyny has-da belende göterdi.

Medeniýet hepdeliginiň ikinji güni hem dürli wakalara baý boldy. Onuň maksatnamasyna laýyklykda, welaýatyň Gyzylarbat etrabyndaky medeniýet merkezinde guralan «Hatyrasy belent halypalar» atly aýdym-sazly döredijilik duşuşygynda tanymal sungat ussatlarynyň we döredijilik işgärleriniň milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň barha baýlaşmagyna mynasyp goşant goşandyklary nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, birnäçe ussatlar barada giňişleýin durlup geçildi. Hususan-da, Baýram şahyryň, Türkmenistanyň halk artistleri Sary Garryýewiň, Giçgeldi Amanowyň, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Baýramguly Aýjanowyň döredijiligi, ömür ýoly barada täsirli söhbet edildi. ■ 2

## Arkadag şäheri – milli we döwrebap binagärligiň nusgasy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň beýik gurluşygy bolan Arkadag şäheri ýurdumyzyň täze döwrüniň şamçyragydyr. Bu şäherdäki her bir desga özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Çünki ol desgalarda Gahryman Arkadagymyzyň yhlasy, öz mähriban halky baradaky çuňňur aladalary bar. Täze şäheriň «Arkadag» diýlip atlandyrylmagy türkmen halkynyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň täze taryhynda gazanylan üstünlikleriň, ýetilen belent sepgitleriň gözbaşynda duran Milli Liderimize köňül buýsanjynyň, çäksiz ynamynyň dabaralanmasydyr.



Halkymyzyň şöhratly taryhynyň gözbaş alýan gadymy mekanynda bina edilen bu şäher durmuş ulgamyna öňdebaryjy sanly, maglumat-kommunikasiýa we «ýaşyl» tehnologiýalar ornaşdyrylan «akylly» şäher taslamasynyň ajaýyp nusgasy hökmünde ykrar edildi. Bu ýerde milli binagärligiň iň gowy däpleri häzirki zaman şähergurluşygyň gazananlary bilen sazlaşykly utgaşýar. Ähli babatda, şol sanda tebigata aýawly çemeleşmekde halkara ölçeglere laýyk gelýän degişli düzümler ýaşaýjylar üçin amatly şertleri üpjün edýär. Dabaraly açylan wagtyndan bäri geçen üç ýylyň dowamynda Arkadag şäheri «akylly» şähergurluşyk maksatnamasy ulgamynda ýokary görkezijilerini, innowasion mümkinçiliklerini we ekologiýa derejesini tassyklaýan abraýly halkara güwänamalar hem-de baýraklar bilen sylaglanyldy. ■ 2

## Adaty telefon emeli hemra arkaly işledi

Hytaýda «Yuanxin Satellite» kompaniýasy haýsydyr bir ýörite mobil goşundy ýüklenmedik ýa-da goşmaça enjam oturdylmadyk adaty el telefonyny emeli hemranyň üsti bilen işletdi. Synag maksatly gepleşikde telefonyň aragatnaşyk derejesiniň görkezijisi doly ýagdaýda boldy. Sesiň hili adaty 5G torunyňky bilen deň boldy.

Telefonda gepleşmegi üpjün etjek iki sany emeli hemra 9-njy iýunda kosmosa uçurylypdy. Bu emeli hemralar telefonlaryň Ýerden kosmosa gönüden-göni



birikmegini üpjün edýär. Hytaýyň senagat we maglumat tehnologiýalary ministrligi bu emeli hemralaryň aragatnaşyk üçin ulanylmagyna degişli ygtyýarnama berdi.

Synag maksatly uçurylan emeli hemra orbitada telefonyň gönüden-göni emeli hemradan peýdalanylmagy hem-de Ýer-kosmos torunyň ýola goýulmagy üçin tehnologiýalary döretmekde peýdalanylýar. Bu iş emeli hemra aragatnaşygy bilen 5G hem-de 6G torlarynyň bilelikde ulanylmagyna degişli infrastrukturanyň başlangyjy hasaplanýar.

Mundan başga-da, «Yuanxin Satellite» kompaniýasy kosmosdan internet aragatnaşygyny ýola goýmak üçin häzire çenli 200 emeli hemrany orbita ýerleşdiripdir. Jemi üç tapgyrda amala aşyryljak bu taslamanyň çäklerinde ilkinji nobatda 648 emeli hemra uçurylar. Soňra bolsa, olaryň sany 1 müň 296-a ýetiriler. Soňky tapgyrda 15 müňden gowrak emeli hemra Ýeriň aşaky orbitasynda ýerleşdirilip, bütin Ýer ýüzi kosmos internetiniň hyzmat ediş çägine giriziler.

**Sonajemal ANNAGELDIÝEWA,**
*Bäherden etrabyndaky ýöriteleşdirilen 17-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Ýelkenli döwrebap gämi

«Xplorer Yachts» bilen «Norse Shipyard» kompaniýalary uzynlygy 106 metre barabar boljak ýelkenli gämini gurarlar. Gibrid ýangyçly ulag dizel hem-de elektrik hereketlendirijileri bilen hem üpjün ediler. Şeýle hem «Wind Voyage» atly tapgyryň çäklerinde uzynlygy 80-120 metr aralygynda boljak başga-da birnäçe



gämiler gurlar. Bu taslamanyň çäklerinde az ýangyç sarp edýän suw ulaglarynyň öndürilmegi meýilleşdirilýär. Inženerler deňizlerde yzygiderli öwüsýän şemaldan has netijeli peýdalanyp, daşky gurşawa ýetirilýän zyýany azaltmagyň aladasyny edýärler.

Mundan ozal, 2022-nji ýylda uzynlygy 121 metr bolan, ýygnalýan ýelkenler bilen üpjün edilen «Canopée» atly äpet gämi ulanmaga berlipdi. Bu gämi şeýle suw ulaglaryny öndürmek üçin nusga bolmagynda galýar. Geçirilen tejribeler gäminiň ýangyjy tygşytlamakda gowy netije berendigini görkezdi.



## Arassa energiýa önümçiliginde täze sepgide ýetildi

Energiýanyň arassa çeşmelerden alynýan möçberiniň geçen ýyl rekord derejä ýetendigi mälim edildi. Täze gurlan desgalar arassa energiýanyň möçberini 5,15 terawata ýetirmäge mümkinçilik beripdir. Mundan ozal 2030-njy ýyla çenli bu görkezijiniň 11,17 terewata ýetirilmegi maksat edinilipdi. Şeýlelikde, 2023-nji ýylda Dubaýda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna (COP28) gatnaşyjylaryň maslahatynda göz öňünde tutulan maksatnamada bellenilen möçberiň ýaryna golaýy eýýäm durmuşa geçirilipdir. Bu barada Bütindünýä gaýtadan dikeldilýän energiýa güni (22-nji iýun) mynasybetli ýaýradylan maglumatda bellenilýär.

Gün energiýasy 511 gigawat önümçilik kuwwaty bilen öňdeligi eýeleýär. Ikinji ýerde 159 gigawat bilen ýel energiýasy durýar. Bu iki çeşme arassa energiýanyň 97 göterimini düzýär. Galan möçberini bolsa, gidroelektrik, bioenergiýa, geotermal ýaly beýleki energiýa çeşmeleri emele getirýär.

**Güljeren BABAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# TÜRKMENISTAN-AZERBAÝJAN: DOSTLUKLY HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz dostlugyň nyşany hökmünde Türkmenistana sowgat berlen «Dostluk» nebit tankeri üçin minnetdarlyk bildirip, bu döwrebap gäminiň halklarymyzyň dostlukly gatnaşyklarynyň nyşany we Türkmenistan bilen Azerbaýjanyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň ýokary derejesiniň mysaly hökmünde kabul edilýändigini aýtdy.

Soňra iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Bilelikdäki Beýannama gol çekmek hem-de ikitaraplaýyn resminamalary alyşmak dabarasy boldy.

**Hormatly Prezidentimiz Fizuli we Şuşa şäherlerine baryp gördi**

23-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Azerbaýjan Respublikasyna döwlet saparynyň çäklerinde Fizuli we Şuşa şäherlerine baryp gördi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew Fizuli şäherinde gurulýan binalaryň, şeýle-de Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Azerbaýjana sowgat hökmünde Fizuli şäherinde gurluşygy alnyp barylýan metjidiň şekil taslamalary bilen tanyşdylar. Bu metjidiň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna bina edilýändigini bellemek gerek.

Soňra döwlet Baştutanymyz we Prezident Ilham Aliýew Şuşa şäherindäki täze ýaşaýyş jaýlar toplumy bilen tanşyp, täze gurulýan Şuşa metjidine baryp gördüler. Hormatly Prezidentimize metjidiň binagärlik taslamasy we çyzgylary görkezildi. Bu medeni-ruhy desganyň daşky görnüşi, içerki bezegleri yslam hem-de ýerli binagärligiň nusgawy däplerini, özboluşly aýratynlyklaryny özünde jemleýär.

Şeýle-de iki ýurduň döwlet Baştutanlary Şuşa galasyna bardylar. Bu ýerde hormatly Prezidentimize XVIII asyrda Panah Ali han tarapyndan düýbi tutulan täsin desganyň taryhy barada giňişleýin gürrüň berildi. Döwlet ähmiýetli binagärlik ýadygärligi bolan Şuşa galasy 1752-nji ýylda belent baýryň üstünde gurlupdyr. Gala dürli medeniýetlerdir halklar üçin möhüm merkez bolupdyr. Şuşa galasyny gurşap alýan tebigy gözellikler jahankeşdelerde, suratkeşlerde uly täsir galdyrýar.

Şäheriň medeni ýadygärlikleri bilen tanyşlygyň çäklerinde döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow hem-de Prezident Ilham Aliýew Bülbüliň öý-muzeýine baryp gördüler. Türkmen we azerbaýjan halklarynyň dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk, hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmekde, iki döwletiň arasynda uzak ýyllardan bäri dowam edip gelýän medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda bitiren aýratyn hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly adyň eýesi bolan Polat Bülbül ogly belent mertebeli myhmanlary muzeý gymmatlyklary bilen tanyşdyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz hem-de dostlukly ýurduň Prezidenti Jydyr düzüne bardylar. Belent gaýalaryň gyrasynda ýerleşýän bu täsin tebigy ýer gadymy döwürlerden bäri atly bäsleşikleriň, milli oýunlaryň, dabaralaryň geçirilýän meýdançasy hasaplanýar. Jydyr düzünde döwlet Baştutanymyza belent hormat-sarpanyň nyşany hökmünde garabag tohumyndan bolan Mert atly bedew sowgat berildi. Şunlukda hormatly Prezidentimiziň Azerbaýjan Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary iki ýurduň dostlukly gatnaşyklarynyň taryhyna täze sahypany ýazdy.

# MEDENIÝET HEPDELIGI KÖPÖWÜŞGINLI ÇÄRELERE BESLENÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Çykyşlarda Baýram şahyryň döredijilik mirasyndan aýdymlara, döwrebap eserlere uly orun berildi. Döredijilik duşuşygynyň dowamynda bagşy-sazandalar joşgunly aýdym-sazlary bilen ýurdumyzyň abadançylygyny, halkymyzyň bagtyýarlygyny, tebigat gözelligini wasp etdiler. Şol gün «Türkmennebit» döwlet konserniniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň medeni-sport toplumynda geçirilen «Sanly ulgamyň mümkinçiliklerini ulanmak arkaly döwrebap okatmagyň usulyýeti» atly maslahat hem köp adamly boldy. Çykyş edenler öňdebaryjy tehnologiýalaryň we ylmyň ösmegi bilen, adamyň zerurlyklaryna gönükdirilen «akylly» jemgyýetiň kemala gelýändigine ünsi çekdiler. Sanlylaşdyrmagyň täsiri astynda zähmet bazarynda, bilim ulgamynyň ösüşinde hem düýpli özgerişler bolup geçýär. Şunuň bilen baglylykda, sanly özgertmeler şertlerinde zähmet bazarynda bolup geçjek üýtgeşmeler baradaky mesele köpleriň ünsüni çekýär.





Günüň ikinji ýarymynda Balkan welaýat kitaphanasynda «Garaşsyzlykdan galkynýan medeniýet» atly döredijilik bäsleşiginiň jemini jemlemek dabarasy, şeýle hem ýurdumyzyň halypa we ýaş şahyrlarynyň «Ylham joşguny» atly edebiýat agşamy geçirildi. Her ýylda geçirilýän şeýle bäsleşikler täze zehinleriň halkymyzyň bahasyna ýetip bolmajak ruhy hazynasyna, baý milli medeniýetimize gyzyklanmalaryny artdyrmaga şert döredýär.

Medeniýet hepdeligine gatnaşyjylar üçin Balkanabat şäherindäki Nebitçiler medeniýet köşgünde Balkan hem-de Daşoguz welaýatlarynyň sungat ussatlarynyň konserti geçirildi. Halk aýdym-sazlarynyň, estrada aýdymçylarynyň çykyşlarynyň folklor toparlarynyň özboluşly tanslary bilen utgaşmagy konsertiň maksatnamasynyň döwrebap derejede taýýarlanylmagyna hemmetaraplaýyn çemeleşilendigini görkezýär.

Hepdeligiň ikinji gününiň çäreleri welaýatyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky döwlet drama teatrynda jemlendi. Bu ýerde «Bedew rowaýaty» atly sahna oýnunyň görkezilişi boldy. Onda türkmen bedewiniň wepadarlygy dürli wakalaryň üsti bilen açylyp görkezilýär. Küştdepdiniň gaýtalanmajak öwüşginleri siňdirilen spektaklda behişdi bedewleri ýetişdiren türkmen topragy, ahalteke bedewleriniň owadanlygy çeper wasp edilýär.

Medeniýet hepdeliginiň üçünji gününde oňa gatnaşýan döredijilik işgärleri Hazar deňzinde gämili gezelenç etdiler. Munuň özi soňky ýyllarda tanalmaz derejede özgeren «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gözel görnüşini we bu künjegiň tebigy aýratynlyklaryny, gojaman deňziň giňişliklerini synlamak üçin ajaýyp mümkinçilik boldy.

Welaýatyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde ýurdumyzyň suratkeşleriniň «Sungat gözelligi — ylham çeşmesi» atly şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergisi hepdeligiň üçünji gününiň özboluşly wakasyna öwrüldi. Sergide ýurdumyzyň suratkeşleriniň dürli ugurlarda döreden ajaýyp eserleri ýerleşdirildi.

Medeniýet hepdeliginiň nobatdaky gününiň maksatnamasynda duşuşyklardyr beýleki çärelere giň orun berildi. Şol sanda Balkan welaýatynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky döwlet drama teatrynda ýurdumyzyň halk teatrlarynyň arasynda guralan «Şadyýan şahandazlar» atly döredijilik bäsleşiginiň jemi jemlenip, ýeňijiler sylaglanyldy. Türkmenbaşy etrap medeniýet merkezinde ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy hem-de 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli «Arkadagly Watanymyz — dillerde dessanymyz» atly döredijilik duşuşygy geçirildi.

Agşam Balkanabat şäherindäki Nebitçiler medeniýet köşgünde Lebap we Mary welaýatlarynyň sungat ussatlarynyň gatnaşmagyndaky baýramçylyk konserti Medeniýet hepdeliginiň üçünji gününiň özboluşly jemlenmesine öwrüldi.

Hepdeligiň dördünji gününde Balkan welaýat kitaphanasynyň mejlisler zalynda «Emeli aňyň ösýän şertlerinde - media ulgamynda täze mümkinçilikler» atly metbugat brifingi geçirildi.

Milli medeniýetimiziň we sungatymyzyň döwrebap derejede ösdürilýändigini alamatlandyrýan Medeniýet hepdeliginiň giň gerimli çäreleri uly üstünliklere beslenip, dowam edýär.

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ DÖWLETLI ÝOLY

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz düýpli özgerişleriň, durnukly ösüşiň we beýik tutumlaryň aýdyň ýoly bilen ynamly öňe barýar. Halkymyzyň asuda, abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin ägirt uly işleri amala aşyrýan, milli bähbitlerimizi halkara giňişliginde dabaralandyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öwüt-ündewleri biziň her birimiz üçin şamçyragdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda we başlangyçlary netijesinde, Türkmenistan gysga wagtyň içinde dünýäniň iň durnukly ösýän, parahatçylyk söýüji döwletleriniň birine öwrüldi. «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelge Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda häzirki wagtda täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar.



Milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda döredilen Türkmenistanyň Halk Maslahaty bolsa, halk häkimiýetliliginiň, demokratik we milli gymmatlyklarymyzyň iň belent dabaralanýan mukaddes ojagyna öwrüldi. Bu ýerde kabul edilýän taryhy çözgütler döwletimiziň geljekki ösüş ugurlaryny, ýaş nesillerimiziň bagtyýar ykbalyny kepillendirýär.

Gahryman Arkadagymyz diňe bir görnükli döwlet işgäri bolman, eýsem, türkmen halkynyň köpasyrlyk medeni mirasyny, milli däp-dessurlaryny we taryhyny dünýä tanadan beýik şahsyýetdir. Milli Liderimiziň galamyna degişli bolan ajaýyp kitaplar ylym, pelsepe, saglygy goraýyş, edebiýat we sungat äleminiň hakyky hazynasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň pähimpaýhasyndan kemal tapan halkara başlangyçlar, Bitaraplyk syýasatymyz we parahatçylyk diplomatiýasy dünýä bileleşigi tarapyndan doly goldanylýar.

Sebitde ýeke-täk «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäheri bolsa Milli Liderimiziň geljege tarap uzaýan beýik maksatnamalarynyň, döwrebaplygyň we rowaçlygyň aýdyň subutnamasydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň döwletlilik syýasatynyň özeninde geljegimiz bolan ýaş nesiller baradaky alada aýratyn orun tutýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary we yzygiderli goldawy netijesinde, ýurdumyzyň bilim, ylym we sport ulgamlary düýpli özgerdilýär. Häzirki wagtda eziz Diýarymyzyň ýokary hem-de orta hünär okuw mekdeplerinde döwrebap şertler döredilip, dünýä standartlaryna laýyk gelýän okatmak usullary we sanly ulgam giňden ornaşdyrylýar.

Milli Liderimiziň hemişelik üns merkezinde saklaýan esasy ugurlarynyň biri hem eneligi we çagalygy goramak, ösüp gelýän ýaş nesli sagdyn, belent ruhly, watansöýüji edip ýetişdirmekdir.

Milli Liderimiziň ylmy esasa daýanýan geosyýasy strategiýasy Türkmenistanyň halkara abraýyny dünýä derejesinde täze belentlige göterdi. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen «Dialog — parahatçylygyň kepili» pelsepewi ýörelge Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan giňden goldanylyp, global derejede durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy guralyna öwrüldi.

Milli Liderimiziň parahatçylyk hem dostluk syýasaty goňşy we dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge gönükdirilendir. Uly sebit taslamalary, energetika we ulag-logistika geçelgeleri diňe bir biziň ýurdumyzyň däl, eýsem, bütin sebitiň ykdysady taýdan rowaçlanmagyna hyzmat edýär.

**Selbi ERNEPESOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# ARKADAG ŞÄHERI – MILLI WE DÖWREBAP BINAGÄRLIGIŇ NUSGASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Arkadag şäheri Koreýa Respublikasynda geçirilen «World Smart City Expo» halkara sergisinde «Iň tapawutlanan «akylly» şäher», «Daşary ýurt «akylly» şäheri», «World Smart City Expo 2024» halkara sergisine goşan uly goşandy üçin» atly baýraklara mynasyp boldy. Mundan başga-da, Wena şäherinde ýerleşýän Ýewropanyň Hil barlaglary boýunça jemgyýetiniň hil babatda «Hil saýlawy — 2024» nyşany bolan «Diamond» derejesi berildi. Munuň özi Arkadag şäheriniň diňe bir sebitde däl, eýsem, bütin dünýäde-de ykrar edilen «akylly» şäher hökmünde abraýynyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine ýygy-ýygydan iş saparlaryny amala aşyryp, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşynyň bähbidine bu ýerde alnyp barylýan giň gerimli işleri yzygiderli gözegçilikde saklaýar hem-de gymmatly maslahatlaryny berýär. Gahryman Arkadagymyz şäheri dünýäniň iň owadan, ýaşamak üçin iň amatly şäherleriniň birine öwürmek ugrunda ägirt uly tagallalary edýär.



Arkadag şäheriniň gurluşygynyň birinji tapgyrynda durmuş-medeni we beýleki dürli maksatly desgalaryň 336-sy guruldy. Häzirki wagtda şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam edýär. Bu ýerdäki ýaşaýyş jaýlary, medeni-durmuş maksatly desgalardyr edara binalary iň kämil innowasion çözgütler bilen enjamlaşdyrylandyr. «Akylly öý» tehnologiýasy esasynda gurlan döwrebap ýaşaýyş jaýlary Arkadag şäheriniň esasy aýratynlygydyr. Ýaşaýyş jaýlarynda ilatyň durmuş derejesini gowulandyrmak üçin ähli amatlyklar bilen bir hatarda, öýi dolandyrmagyň intellektual ulgamy ýola goýlandyr. Ol internet tory arkaly öýleriň durmuş üpjünçiliginiň we howpsuzlygynyň ähli ugurlarynyň işini awtomatik we sazlaşykly üpjün edýär. Şunuň netijesinde, öýleri we hojalyk işlerini uzak aralykdan smartfonuň kömegi bilen dolandyryp bolýar. Täze şäherde optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň ornaşdyrylmagy ýokary tizlikli interneti ulanmaga mümkinçilik berýär.

Arkadag şäheri ähli görkezijiler babatda dünýä nusgalyk şäher bolmak bilen birlikde, ýurdumyzyň ösen ykdysady kuwwatynyň hem aýdyň dabaralanmasydyr. Sanly ulgamyň soňky gazananlary, döwrebap innowasion çözgütlerdir «akylly» tehnologiýalar ornaşdyrylan bu ajaýyp şäher halkymyzyň buýsanjyna öwrüldi.

Zeminde parahatçylygy üpjün etmekde oňyn halkara başlangyçlary öňe sürýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, ata Watanymyzyň abraý-mertebesini bütin dünýäde dabaralandyryp, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatyny halkara ölçeglerine laýyklykda ösdürýän hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

## Deňiz uçarlary bilen halkara gatnaw ýola goýuldy

«Hellenic Seaplanes» awiakompaniýasy Gresiýa bilen Albaniýanyň arasynda deňiz uçary arkaly ýolagçy gatnawyny ýola goýdy. Gatnaw Gresiýanyň demirgazyk-günbataryndaky Ýanina şäheri bilen Albaniýanyň Wlýora şäherleriniň arasynda amala aşyrylar. Geljekde Albaniýanyň Pogrades, Saranda we Durres ýaly kenarýaka şäherlerine hem şeýle gatnawlaryň ýola goýulmagy maksat edinilýär.



Deňiz uçarlary syýahatçylyk möwsüminde syýahatçylar üçin uly amatlylyk döreder. Suwuň ýüzünden uçup hem-de gonup bilýän uçarlar ýolagçylaryň uzak aralykda ýerleşýän howa menzillerine barmaklary üçin sarp edýän wagtyny tygşytlamaga ýardam eder. Bu gatnawlar Adriatik we Ion deňizlerinde syýahatçylyk pudagyny ösdürmäge mümkinçilik berer.

Häzirki wagtda Maldiw adalarynda içerki gatnawlar diňe deňiz uçarlary arkaly amala aşyrylýar. Karib deňzinde, ABŞ-da we Kanadada bolsa, deňiz uçarlary arkaly halkara ýolagçy gatnawlary hem amala aşyrylýar.

**Aýna GELDIMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Dünýäniň iň gowy pomidorlary

Aşhanalara we iýmit önümlerine baha berýän «TasteAtlas» platformasy dünýäniň iň gowy pomidorlarynyň sanawyny düzdi. Sanawda Italiýada ösdürilip ýetişdirilýän pomidorlar agdyklyk edýär. Gök önüm internet ulanyjylarynyň baha bermegi bilen saýlandy. Birinji ýeri «Pomodoro San Marzano» eýeledi. Wulkanik topraklarda ýetişýän, az çigitli we etli miwesi bolan bu görnüş pizza we makaron bişirilende ulanylýar. Gresiýanyň Santorini adasynda ösdürilip ýetişdirilýän «Tomataki Santorinis» sanawda ikinji bolupdyr. Maýda şekilli bu gök ekini hem gurak we wulkanik topraklarda ýetişýär. Italiýanyň Sisiliýa adasynda ekilýän «Pomodoro di Pachino» süýji tagamy sebäpli naharlaryň üstüne sepilýän huruşlarda has köp ulanylýar.



Daşky şekili hurma meňzeş bolan «Datterino» hem Italiýada ýetişýär. Bu ownuk pomidor suwly we süýji bolmagy bilen tapawutlanýar. Pomidoryň bu ýurda mahsus bolan «Costoluto Fiorentino» görnüşi hem uly we mese-mälim bolup duran dilimleri bilen tapawutlanýar. Bu gök önüm adatça terligine iýilýär.

«Piennolo del Vesuvio» atly görnüş Italiýanyň Wezuwiý wulkanynyň eteklerinde ösdürilip ýetişdirilýär. Salkym görnüşli pomidoryň gabygy galyň bolandygy sebäpli, uzak wagtlap zaýalanman saklanýar.

Şeýle hem sanawa «Cuore di Bue» (Italiýa), Aýaş pomidory (Türkiýe) giripdir.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 26-sy, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118933
Belgisi: 26/1696
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# DÜNÝÄ KUBOGY ÝOKARY DEPGINDE DOWAM EDÝÄR

## ÄHLI TOPARÇALARDAKY 2-nji DUŞUŞYKLARYŇ NETIJELERI

### Dünýä Kubogy 2026 – «A» toparça

**MEKSIKA – KOREÝA RESPUBLIKASY: 1-0**
**GOL:** Luis Romo 50
**SARY KART:** Pak Son Ho, Li Kan In (Koreýa Respublikasy)
**STADION:** Estadio Akron (Guadalahara)
**TOMAŞAÇY:** 45 522
**EMIN:** Gustawo Teher (Urugwaý)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Luis Romo (Meksika)

**ÇEHIÝA – GÜNORTA AFRIKA: 1-1**
**GOL:** Sadilek 6 – Mokoena 83 (p)
**SARY KART:** Kreýçiý – Mokoena, Mbata
**STADION:** «Mercedes-Benz Stadium» (Atlanta)
**TOMAŞAÇY:** 64 442
**EMIN:** Tori Periso (ABŞ)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ladislaw Kreýçi (Çehiýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «B» toparça

**ŞWEÝSARIÝA – BOSNIÝA WE GERSEGOWINA: 4-1**
**GOL:** Manzambi 74, 90, Wargas 84, Džaka 90+7 (p) – Mahmiç 90+3
**SARY KART:** Elwedi – Dediç, Jeko
**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)
**TOMAŞAÇY:** 70 026
**EMIN:** Žoao Pineiro (Portugaliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ýohan Manzambi (Şweýsariýa)

**KANADA- KATAR: 6-0**
**GOL:** Larin 6, Jonatan Dewid 29, 45+3, 90+2, Saliba 64, Manai 75 (ö.d.)
**SARY KART:** Kornelius – Fathi
**GYZYL KART:** Ahmed 33, Madibo 51 (Günorta Afrika)
**STADION:** BC Place (Wankuwer)
**TOMAŞAÇY:** 52 497
**EMIN:** Kristian Garaý (Çili)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Jonatan Dewid (Kanada)

### Dünýä Kubogy 2026 – «C» toparça

**ŞOTLANDIÝA – MAROKKO: 0-1**
**GOL:** Ismael Saibari 2
**SARY KART:** Robertson – Diop
**STADION:** Gillette Stadium (Boston)
**TOMAŞAÇY:** 64 146
**EMIN:** Ilgiz Tantaşew (Özbegistan)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ismael Saibari (Marokko)

**BRAZILIÝA – GAITI: 3-0**
**GOL:** Mateus Kunýa 23, 36, Winisius Junior 45+3
**SARY KART:** Santos – Arkus, Žan-Žak, Pierro
**STADION:** Lincoln Financial Field (Filadelfiýa)
**TOMAŞAÇY:** 68 324
**EMIN:** Alehandro Hernandes Hernandes (Ispaniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Winisius Junior

### Dünýä Kubogy 2026 – «D» toparça

**ABŞ – AWSTRALIÝA: 2-0**
**GOL:** Buržes 11 (ö.d.), Friman 43
**SARY KART:** Riçards, Robinson, Balogun – Suttar, Italiano, Bos, Çirkati
**STADION:** Lumen Field (Sietl)
**TOMAŞAÇY:** 66 925
**EMIN:** Feliks Zwaýer (Germaniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Falorin Balogun (ABŞ)

**TÜRKIÝE – PARAGWAÝ: 0-1**
**GOL:** Matias Galarza 2
**SARY KART:** Elmaly, Montella – Galarza
**GYZYL KART:** Migel Almiron 45+3 (Paragwaý)
**STADION:** Levi's Stadium (San Fransisko)
**TOMAŞAÇY:** 68 827
**EMIN:** Iwan Barton (Salwador)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Matias Galarza (Paragwaý)

### Dünýä Kubogy 2026 – «E» toparça

**GERMANIÝA – KOT-D'IWUAR: 2-1**
**GOL:** Deniz Undaw 68, 90+4 – Frank Kessi 30
**STADION:** BMO Field (Toronto)
**TOMAŞAÇY:** 43 036
**EMIN:** Huan Gabriel Benites (Paragwaý)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Deniz Undaw (Germaniýa)

**EKWADOR – KÝURASAO: 0-0**
**SARY KART:** Alsiwar – Gaari, Komenensiýa, L. Bakuna, J. Bakuna, Kastaner
**STADION:** Arrowhead Stadium (Kansas Siti)
**TOMAŞAÇY:** 68 598
**EMIN:** Ma Nin (Hytaý)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Eloý Rom (Kýurasao)

### Dünýä Kubogy 2026 – «F» toparça

**NIDERLANDLAR – ŞWESIÝA: 5-1**
**GOL:** Brobbi 5, 17, Gakpo 47, 54, Sammerwil 89 – Elanga 59
**SARY KART:** Aýari, Gudmundsson, Bergwall (Şwesiýa)
**STADION:** NRG Stadium (Hýuston)
**TOMAŞAÇY:** 68 777
**EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kodi Gakpo (Niderlandlar)

**TUNIS – ÝAPONIÝA: 0-4**
**GOL:** Kamada 4, Ueda 31, 83, Ý. Ito 69
**STADION:** Estadio BBVA (Monterreý)
**TOMAŞAÇY:** 51 243
**EMIN:** Iştwan Kowaç (Rumyniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Aýase Ueda (Ýaponiýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «G» toparça

**BELGIÝA—EÝRAN: 0–0**
**SARY KART:** Lukaku – Ezatolahi
**GYZYL KART:** Natan Ngoý 66 (Belgiýa)
**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)
**TOMAŞAÇY:** 70 317
**EMIN:** Dario Herrera (Argentina)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Alireza Beiranwand (Eýran)

**TÄZE ZELANDIÝA—MÜSÜR: 1–3**
**GOL:** Sörman 15 – Ziko 58, Salah 67, Trezege 82
**SARY KART:** Singh, MakKowatt – Laşin
**STADION:** BC Place (Wankuwer)
**TOMAŞAÇY:** 52 497
**EMIN:** Omar Al Ali (BAE)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Mohamed Salah (Müsür)

### Dünýä Kubogy 2026 – «H» toparça

**ISPANIÝA — SAUD ARABYSTANY: 4–0**
**GOL:** Ýamal 10, Oýarzabal 21, 24, Al-Tambakti 49 (ö.d.)
**SARY KART:** S. Al-Dawsari, Kanno (Saud Arabystany)
**STADION:** Mercedes-Benz Stadium (Atlanta)
**TOMAŞAÇY:** 68 239
**EMIN:** Rafael Klaus (Braziliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Mikel Oýarzabal (Ispaniýa)

**URUGWAÝ — KABO WERDE: 2–2**
**GOL:** M. Arauho 44, Kanobbio 45+6 – K. Pina 21, Warela 61
**SARY KART:** Oliwera, Bentankur – Dineý, Lopes Kabral
**STADION:** Hard Rock Stadium (Maýami)
**TOMAŞAÇY:** 60 003
**EMIN:** Espen Eskaş (Norwegiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kewin Pina (Kabo Werde)

### Dünýä Kubogy 2026 – «I» toparça

**FRANSIÝA – YRAK: 3-0**
**GOL:** Mbappe 14, 54, Dembele 66
**SARY KART:** Al-Amman (Yrak)
**STADION:** Lincoln Financial Field (Filadelfiýa)
**TOMAŞAÇY:** 68 324
**EMIN:** Drýuw Fişer (Kanada)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kilian Mbappe (Fransiýa)

**NORWEGIÝA – SENEGAL: 3-2**
**GOL:** Pedersen 43, Holann 48, 58 – Ismaila Sarr 53, 90+3
**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)
**TOMAŞAÇY:** 80 663
**EMIN:** Wilton Sampaio (Braziliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Erling Holann (Norwegiýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «J» toparça

**ARGENTINA – AWSTRIÝA: 2-0**
**GOL:** Lionel Messi 38, 90+5
**SARY KART:** Medina, Parades – Laimer, Poş
**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)
**TOMAŞAÇY:** 70 649
**EMIN:** Amin Omar (Müsür)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)

**IORDANIÝA – ALŽIR: 1-2**
**GOL:** Al-Raşdan 36 – Benbuali 69, Guiri 82
**SARY KART:** Abu Dahab – Zerruki
**STADION:** Levi's Stadium (San Fransisko)
**TOMAŞAÇY:** 68 371
**EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ibrahim Maza (Alžir)

### Dünýä Kubogy 2026 – «K» toparça

**PORTUGALIÝA – ÖZBEGISTAN: 5-0**
**GOL:** Ronaldo 6, 39, Nunu Mendeş 17, Nermatow 60 (ö.d.), Leao (76)
**SARY KART:** Weiga – Hamrobekow
**STADION:** NRG Stadium (Hýuston)
**TOMAŞAÇY:** 68 777
**EMIN:** Jala Jaýed (Marokko)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kristiano Ronaldo (Portugaliýa)

**KOLUMBIÝA – KONGO DR: 1-0**
**GOL:** Daniel Munýos 76
**SARY KART:** Lukumi, Lerma – Pikel
**STADION:** Estadio Akron (Guadalahara)
**TOMAŞAÇY:** 45 358
**EMIN:** Maurizio Mariani (Italiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Daniel Munýos (Kolumbiýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «L» toparça

**ANGLIÝA – GANA: 0-0**
**SARY KART:** Raýs – Iniaki Williams
**STADION:** Gillette Stadium (Boston)
**TOMAŞAÇY:** 63 983
**EMIN:** Said Martines (Gonduras)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Jud Bellingam (Angliýa)

**PANAMA – HORWATIÝA: 0-1**
**GOL:** Ante Budimir 54
**SARY KART:** Barsenas – Suçiç
**STADION:** BMO Field (Toronto)
**TOMAŞAÇY:** 43 036
**EMIN:** Pierro Atço (Gabon)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kristian Martines (Panama)

## «A», «B», «C» TOPARÇALARYNDAKY 3-nji DUŞUŞYKLARYŇ NETIJELERI

### Dünýä Kubogy 2026 – «A» toparça

**ÇEHIÝA – MEKSIKA: 0-3**
**GOL:** M. Çawes 55, Kuinýones 61, Fidalgo 90+4
**SARY KART:** Edson Alwares (Meksika)
**STADION:** Estadio Azteca (Mehiko Siti)
**TOMAŞAÇY:** 80 824
**EMIN:** Ýael Falkon (Argentina)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Mateo Çawes (Meksika)

**GÜNORTA AFRIKA – KOREÝA RESPUBLIKASY: 1-0**
**GOL:** Tapelo Maseko 63
**SARY KART:** Modiba – Ço Gue Sun
**STADION:** Estadio BBVA (Monterreý)
**TOMAŞAÇY:** 51 243
**EMIN:** Fakundo Telýo (Argentina)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Tapelo Maseko (Günorta Afrika)

### Dünýä Kubogy 2026 – «B» toparça

**ŞWEÝSARIÝA — KANADA: 2–1**
**GOL:** Wargas 46, Manzambi 57 — Promis Dewid 76
**SARY KART:** Džaka – Larin, Millar
**STADION:** BC Place (Wankuwer)
**TOMAŞAÇY:** 52 497
**EMIN:** Ramon Abatti (Braziliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ýohan Manzambi (Şweýsariýa)

**BOSNIÝA WE GERSEGOWINA—KATAR: 3–1**
**GOL:** Alaýbegowiç 29, Abunada 34 (ö.d.), Mahmiç 80 – Al-Haýdos 42
**SARY KART:** Mahmiç – Fathi
**STADION:** Lumen Field (Sietl)
**TOMAŞAÇY:** 66 925
**EMIN:** Hesus Walensuela (Wenesuela)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Karim Aleýbegowiç(Bosniýa we Gersegowina)

### Dünýä Kubogy 2026 – «C» toparça

**ŞOTLANDIÝA—BRAZILIÝA: 0–3**
**GOL:** Winisius Junior 7, 45+3, Metus Kunýa 60
**SARY KART:** Kristi – Danilo Luis, Fabinio
**STADION:** Hard Rock Stadium (Maýami)
**TOMAŞAÇY:** 64 478
**EMIN:** Sezar Arturo Ramos (Meksika)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Winisius Junior (Braziliýa)

**MAROKKO—GAITI: 4–2**
**GOL:** Hakimi 39, Saibari 45+1, Rahimi 78, Mustafa Ýassin — Ýassin Bunu 10 (ö.d.), Isidor 43
**SARY KART:** Plasid, Kasimir, Nazon (Gaiti)
**STADION:** Mercedes-Benz Stadium (Atlanta)
**TOMAŞAÇY:** 68 239
**EMIN:** Danni Makkeli (Niderlandlar)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Aşraf Hakimi (Marokko)



Demirgazyk Amerikada geçirilýän 23-nji Dünýä Kubogy ýokary depginde dowam edýär. Toparçalarda badalga berlen 3-nji duşuşyklar ýekşenbe güni tamamlanar. Häzirki wagtda 26-njy iýuna çenli duşuşyklar hasaba alnanda, 13 ýygyndynyň (Meksika, Günorta Afrika, Şweýsariýa, Kanada, Braziliýa, Marokko, ABŞ,



Germaniýa, Argentina, Fransiýa, Norwegiýa, Kolumbiýa hem-de Bosniýa we Gersegowina) 1/16 finala çykandygy anyk bolup, utulan-çykdy duşuşyklary ýekşenbe gününden duşenbe gününe geçilýän gije başlanar.

Toparçalardaky 2-nji duşuşyklardan soň, «A» toparçada ýer eýesi Meksikanyň ýygyndysy 1/16 finala çykan ilkinji topar boldy.

«B» toparçada Kanadanyň ýygyndysy 2 oýunçysy gyzyl kart alan Kataryň ýygyndysyny 6-0 hasabynda utdy. Bu olaryň ilkinji





ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Duşuşykda 3 gol geçiren Jonatan Dewid 1930-njy ýyldan bäri ABŞ-ly Bert Patnouddan soň Dünýä Kubogynda het-trik eden ilkinji demirgazyk amerikaly futbolçy boldy.

«E» toparçada Ekwador bilen Kýurasaonyň arasyndaky oýunda hasap açylmady. Duşuşykda debýutant Kýurasaonyň derwezeçisi Eloý Rom 15 howply pursatda derwezesini goldan halas etdi. Ýagny 15 seýf eden 37 ýaşyndaky derwezeçi Kýurasaonyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji utugyny gazanmakda esasy roly oýnady.



«F» toparçada Niderlandlar bilen Şwesiýanyň arasyndaky oýunda olaryň birinjisi 5-1 hasabynda üstün çykdy. Niderlandlara uly hasap bilen ýeňiş getiren gollaryň 2-sini Brobbi, 2-sini Gakpo, beýlekisini-de Sammerwill derwezä girizdi. Niderlandlaryň Dünýä Kubogynyň taryhynda geçiren gollarynyň sany 100-den geçdi. Şeýlelikde, Niderlandlaryň milli topary Dünýä Kubogynyň taryhynda 100 goldan geçen 8-nji topar boldy (Braziliýa, Germaniýa, Argentina, Fransiýa, Italiýa, Angliýa, Ispaniýa).

Bu toparçada Ýaponiýa bilen Tunisiň arasyndaky duşuşyk taryhy oýun hökmünde hasaba alyndy. Bu duşuşyk 1930-njy ýyldan bäri her 4 ýyldan geçirilip gelinýän FIFA Dünýä Kubogynyň 1000-nji duşuşygy diýlip taryha girdi. Duşuşykda Aziýanyň wekili 4-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu taryhy oýnuň gollaryny Kamada (4), Ueda (31, 83), Ýunýa Ito (69) geçirdi.

«G» toparçada Täze Zelandiýa bilen Müsüriň ýygyndylary duşuşyp, Afrikanyň wekili 3–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Ziko, Salah hem-de Trezegeniň geçiren gollary esasynda üstün çykan



Müsür 4-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda ilkinji sapar ýeňiş gazandy. Müsüriň ýygyndysyna ilkinji ýeňşine ýetmek üçin 9 oýun gerek boldy. Olaryň 3 deňligi, 5 ýeňlişi bardy. Täze Zelandiýanyň ýygyndysy bolsa Dünýä Kubogynda 44 ýyldan soň ilkinji gezek utuldy. Ilkinji gezek 1982-nji ýylda gatnaşan Täze Zelandiýanyň ýygyndysy şol çempionatda 3 oýunda-da ýeňlipdi. 2010-njy ýylda 2-nji gezek gatnaşan Okeaniýanyň wekili şol çempionatdaky 3 duşuşygyny-da deňlikde tamamlapdy.

«H» toparçada Ispaniýanyň ýygyndysy Saud Arabystanyny 4-0 hasabynda ýeňip, 2010-njy ýyldaky çempionlygyndan bäri Dünýä Kubogynda 4-nji ýeňşini gazandy (6 deňlik, 3 ýeňliş). Ispaniýa bilen golsuz deňme-deň oýnap, ilkinji utugyny gazanan debýutant Kabo Werdeniň ýygyndysy Urugwaýdan hem ýeňilmedi (2-2).

«I» toparçada Fransiýanyň ýygyndysy güýçli ýagşyň ýagmagy we stadionyň töwereginde ýyldyrymyň çakmagy sebäpli 2 gezek togtadylan oýunda Yragyň ýygyndysyny 3-0 hasabynda utdy. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Kilian Mbappeniň Dünýä Kubogyndaky gollarynyň sany 16-a ýetdi.

«J» toparçada soňky çempion Argentina ýyldyz oýunçysy Lionel Messiniň gollary bilen ýeňişli ýörişini dowam edýär. Awstriýanyň ýygyndysyny Messiniň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňen Argentinanyň milli topary 1/16 finala adyny ýazdyrdy. Duşuşykda 2 gol geçiren Lionel Messi taryhy rekordy täzeläp, ol Dünýä Kubogynda iň köp gol salan futbolçy bolmagy başardy. Şol bir wagtyň özünde Dünýä Kubogynyň çäginde yzly-yzyna 6 duşuşykda tapawutlanan Messi bu statistikany gaýtalan 3-nji futbolçy boldy.

